# Aýyp kimde / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Aýyp kimde / satiriki hekaýa AÝYP KIMDE

Hemraýew agşamlyk naharyny iýip bolansoň ýatmakçy boldy, emma bolmady. Aňyrky otag goh-galmagal, çagalar ýassyk bilen biri-birini urup oýnap ýörler. Sagat dokuzyň ýarynda ýygnaga hem barmaly. Düýn Hemdem ata-eneler ýygnagy boljakdygy barada mekdepden hat alyp geldi.
Hemraýew hiç haçan ýygnaga baran adam däl. Emma pursady bolanda taýýarlanyp barmakçy we çaga terbiýelemegi bilmeýän ýa-da bu işe sowuk-sala garaýan mugallymlary utandyrmakçy. Bu niýeti aýaly Sabirahana örän makul boldy.
— Aýt, utandyr. Çagalar mekdepde okap gaýta bibaş bolup barýalar. Sen öý-de ýok wagtlaryň dagyn bi Hemdemden ýaňa maňa dynçlyk ýok. Öňler urup ýeňerdim, indi uraýyn diýsem gaçyp, tamyň üstüne çykyp gidýä, tamda durup maňa dilini çykarýa.
Hemraýew elindäki depderine bir zatlar ýazdy.
— Hawa, ýene nämeler edýä?
— Ursam «Barybir agyranok» diýip jykyr-jykyr gülýä… Wi ýene-de, bir ýyldan bäri «eje» diýenini eşidemok, hemişe «Turandat» diýýä.
Hemraýew gülüp göýberdi. Bu lakamy Sabirahana geçen ýyl baýramda bir tanyşynyňka myhmançylyga baranlarynda özi dakyp hemmäni güldiripdi.
— «Turandat» diýýäm-ä? Ýöne muny ýygnak-da aýdyp bolmaýa, sebäbi… Emma bir tarapdan aýtsaňam bolar, çaga diýeniň ulylaryň gepini aýtmazlygy gerek.
— Elbet-de! Mekdepde şular ýaly zatlary öwretmeseler nämäni öwredýäler? Gury ylym bilen çaga çaga bolýan ekenmi?
Hemraýew Sabirahanyň şikaýatlaryny, gazetlerde okan, adamlardan terbiýä degişli eşiden gürrüňlerini depderine ýazdy, depderini doldurdy, soňra olaryň hemmesinden netije çykardy:
— Men bir kagyza okamazdan gol goýsam, sen bir köýnegiň

ýakasyny gyýşyk tikseň işe sowuk-sala garanymyz üçin jogap bermeli bolýas, nämüçin çaga terbiýesine sowuk-sala sereden mugallyma kanun ýok? Hany Hemdemi çagyr bäre!
Aňyrky otagdan, perleri çykyp giden ýassygy göterip Hemdem çykdy.
– Otur bärde! Hawa, sen nämüçin köçe çagalaryna meňzäp garagollyk edýäň?
Hemdem ýassygy kürsä goýup, üstünde oturyp ejesine seretdi.
– Näm etdim?
– Men soraýan, maňa bak! Näme edeniňi bileňokmy? Nämüçin ejeň uranda… ýok, bulam bolýa. Nämüçin ejeňe «eje» diýmän… ýok, nämüçin tamda durup ejeňe… umuman, üçegiň üstünde ýörýämişiň, ýer göterenokmy? Mekdepde saňa şuny öwredýälermi? Hany depderleriň?
Hemdem ejesine seretdi:
– Haçan men üçekde ýöredim?
– Ýok, üçegi goý, maňa depderleriňi görkez! Bu ýyl okuw başlaly bäri näçe sany «bäş» baha aldyň?
– Ýekeje-de ýaman baha almadym, ine…
Hemraýew depderleri gözden geçirip başlady.
– Bolýa, häzir görýäs, «dört», «üç», «üç» hany «bäş»? Orsçadan nämüçin «dört»?
– Bäşe okasamam mugallymym dört goýdy, bäşden dört ýagşy diýdi.
– Şeý diýsene! Entek sen ýalan gürlemänem bilýäňmi? Hany, bärräk gel, gözüme seret! Dört ýagşy diýdimi?
Hemdem ýalan gürlemegiň bular ýaly jezasyny ömüründe birinji gezek görüşidi, çydap bilmedi, aglap göýberdi.
– Maňa seret diýýän? Ýalan gürlemegi kim öwretdi saňa? Haýsy mugallymyň?
– Goý indi, indikide ýalan gürlemez. Waý, towa orsçadan nämüçin dört, orsça bela ýaly gepleýäne meňzeýärä!
Hemraýew Hemdemiň gulagyndan çekip özüne seretdirdi.
– Ýene ýalan gürlejekmi? Şundan soň ýalan gürleseň, bilip goý, men ejeň ýaly agyrmaýan edip urmaryn! Şu ýalan sözüňden soň orsçadan dört alanyňada ynanmaýan. Hany, bolýa, meselem, çeýnegiň gapagyna orsça näme diýilýä? Gapyň tutawajyna näme

diýilýä?
Hemdem ikisini hem bilmedi, aglap aňyrky otaga girip gitdi.
Hemraýew depderini alyp bir zatlary öçürdi, ýene bir zatlar ýazyşdyrdy.
Hemraýew depderini jübisine salyp:
– Ýok – diýdi –Bu işe ünslije seretmek gerek. Şular ýaly bolansoň ýygnaga gowuja taýýarlanyp barmasaň bolmaýa. Terbiýä degişli kitap köp.
Sabirahan:
– Sagat sekiz boldy – diýdi.
Hemraýew oýlanyp galdy. Ýygnaga barsa elbet-de gürmeli bolar, gürlemejek bolsa barmagynyň geregi ýok. Söze çykanda näme barada gürlemeli, gepi nämeden başmaly, nähili netije çykarmaly?
Hemraýew:
– Ýok, bular ýaly barmakdan peýda ýok, Turandat– diýdi – Bu gezeklikje sen bar. Men indiki gezek gowuja taýýarlyk görüp barjak.
– Goýsaňaý! Ömürümde barmadyk ýerime nädip baraýyn? Meň barmagymdan näme peýda bar?
– Peýda bolmasa, zyýanam ýog-a!
Är-heleý peýda-zyýan dogrusynda çekeleşip sagady dokuzyň ýary etdiler.
Hemdem aňyrky otagdan çykyp:
– Näme edip otyrsyňyz? Direktor gelsinler diýip tabşyryp goýberipdi. Ertir haty bermediksiň diýip maňa gygyrar.
– Ejeň-ä barmaýa, barmagyndan peýda hem ýok. Men indiki gezek barjak.
– Müdir sorasa şeý diýeýinmi?
– Nämüçin? Ullakan bolup şuňa bahana tapaňokmy? Dädem işden giç geldi, ejemem keselläp ýatyr diýgin.
Hemdem dädesine uzak wagtlap seredip galdy. Ol ertir dädesiniň aýdyşy ýaly eder.

**Abdylla KAHHAR.**
**Terjime eden: Saparmyrat GÜRGENÇLI** Satiriki hekaýalar